# BITARAPLYK-BAGTYMYZ




BITARAPLYK - BAGTYMYZ

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ INŽENER-TEHNIKI
WE ULAG KOMMUNIKASIÝALARY INSTITUTY

ULAG-LOGISTIKA YLMY MERKEZI

# BITARAPLYK – BAGTYMYZ

*Ylmy-usuly makalalar ýygyndysy*

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2024

saklamak we hemmetaraplaýyn goldamak, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmak, hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek babatyndaky syýasatyna özümiziň saldamly goşandymyzy goşup, ýaş nesli Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyza çäksiz buýsanç, söýgi döretmek ruhunda terbiýelemek ýaly halal işlerde biz ylym-bilim işgärleri geljekde hem gujur-gaýratymyzy gaýgyrman zähmet çekeris.

Türkmen halkyny Bitarap, parahat, asuda, eşretli döwletde ýaşadýan, ýurdumyzy gülledip ösdürýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de belent mertebeli Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, ömürleri uzak bolsun, döwletli işleri elmydama rowana ýollarda rowaç alsyn! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri dowamat-dowam bolsun!

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 11 tom. – A.: TDNG, 2018.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň harby doktrinasy. – A.: TDNG, 2009.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan. – A.: TDNG, 2014.

**Jennet HALMURADOWA**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy*

# GARAŞSYZ TÜRKMENISTANYŇ BITARAPLYGY – PARAHATÇYLYGA DAÝANÝAN HYZMATDAŞLYK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly baýramy dünýä bileleşiginiň ýurtlary we hyzmatdaşlary bilen bilelikde, parahatçylyk döredijilik, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak hem-de ylalaşmak ýörelgelerinde her ýyl bellenilip geçilýär. Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň çözgüdi bilen bu halkara guramasynyň doly hukukly agzalygyna kabul edildi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny biragyzdan goldamagynda 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Baş Assambleýanyň ýörite çözgüdi bilen ýurdumyz sebitde we dünýäde parahatçylyk söýüjiligi, durnuklylygy, milletleriň, halklaryň özara ysnyşykly gatnaşyklaryny öňe sürýändigi hem-de alyp barýandygy bilen, resmi taýdan hemişelik Bitaraplyk halkara hukuk derejesine eýe boldy. Bu hukuk derejesi Türkmenistana BMG-a agza döwletleriň 193-siniň biragyzdan goldamagynda BMG-niň

Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky çözgüdi bilen ikinji gezek berildi. Hormatly Prezidentimiz: **“Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen Bitaraplyk derejämize berk eýerip, dünýä giňişliginde ýurdumyzyň abraýyny ýokarlandyrarys. Biz geljekde-de parahatçylyk söýüjilikli syýasatymyz esasynda dünýäniň halklary, milletleri, ýurtlary bilen dost-doganlyk ýollaryny gurarys”** diýip belleýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda bolup geçýän ösüşleri we özgertmeleri synlanyňda, ýokary sepgitleriň amala aşyrylýan sazlaşykly, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyň, toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmagyň, dünýäniň öňdebaryjy gazananlaryny türkmeniň asyrlaryň dowamynda toplan asylly milli däpleri, tejribesi bilen utgaşdyrmagyň netijesidigine göz ýetirmek bolýar. Türkmenistanyň milli özboluşlylygy, däp-dessurlarynyň, maddy we rugy gymmatlyklarynyň umumadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşykda dünýä ýaýylmagynda bitaraplyk ýörelgesiniň ähmiýeti dünýä tarapyndan doly ykrar edildi. BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy esasynda 1995-nji ýyldan bäri halkara hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça Kararnamalaryň ençemesini kabul etmegi munuň anyk mysalydyr. Türkmenistan dünýäde ilkinji bolup, Durnukly ösüş maksatlaryny milli derejä laýyklaşdyrdy hem-de BMG tarapyndan kabul edilen “Gün tertibi – 2030-yň” durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýar. Biziň ýurdumyz 2016-njy ýylyň sentýabrynda Durnukly ösüş maksatlarynyň 17-sini we olardan gelip çykýan wezipeleriň 148-sini, şeýle-de görkezijileriň 194-sini resmi taýdan kabul etdi. BMG-niň baha bermegine görä, Türkmenistan Gündogar Ýewropa we GDA sebitinde soňky 15 ýylyň dowamynda ýerine ýetirmek üçin durnukly ösüşiň esasy ugurlaryny kesgitlän ilkinji ýurt boldy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 97-nji plenar mejlisinde “Merekezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy” atly Kararnama kabul edildi. Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen bu möhüm resminamada BMG-niň Baş Assambleýasy Merkezi Aziýa sebitiniň parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy diýen halkara hukuk derejesini resmi taýdan yglan edýär hem-de guramanyň ähli agzalaryny Merkezi Aziýa sebitinde parahatçylygy saklamaga çagyrýar. Geçen ýyl Baş Assambleýanyň 77-nji sessiýasynyň çäklerinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2023-nji ýyly “Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly” diýip yglan etmek hakynda Kararnama biragyzdan kabul edildi. Bu başlangyç BMG-niň Baş sekretarynyň “Dünýäniň täze gün tertibi” bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr we “Dialog – parahatçylygyň kepili” filosofiýasyny ilerletmek boýunça Türkmenistanyň başlangyjy bilen sazlaşýar. Bu Kararnamanyň kabul edilmeginiň maksady, BMG-niň Tertipnamasynyň jedelleri parahatçylykly ýollar bilen çözmek we geljekki nesilleri dawa-jenjellerden halas etmek baradaky esasy ýörelgelerine halkara giňişliginiň ünsüni çekmekden ybaratdyr. Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen “Dialog - parahatçylygyň kepili” atly ählumumy başlan-

gyç, halkara jemgyýetçiliginiň dünýä halklarynyň parahatçylykly we ynamdar ýaşamak däplerini güýçlendirmek, gymmatlyklary we dünýägaraýyşlary dikeltmek, parahatçylyk we ynanyşmak medeniýetini halkara gatnaşyklarynda aýrylmaz görkeziji hökmünde kesgitlemek ugrundaky tagallalaryny birleşdirmäge gönükdirilendir. Gahryman Arkadagymyzyň: **”Türkmenleriň beýleki halklar bilen gatnaşyk edenlerinde mydama özara düşünişmek we ynanyşmak ýörelgelerinden ugur alandyklaryna taryh şaýatlyk edýär. Türkmen halky hemişe-de islendik jedelli meseläni çözmegiň, ilki bilen, parahatçylykly ýoluny öňe sürüpdir”** [1-76-sah] diýip belleýşi ýaly, türkmen halkynyň kalbynda parahatsöýüjilikli, ynsanperwer garaýyşlar uly orun eýeleýär. Parahatçylygy döretmek sungatynyň ussady bolan Gahryman Arkadagymyz Ýer ýüzüniň halklarynda we dünýä döwletlerinde ynanyşmak medeniýetini kemala getirmegiň ýollaryny salgy berýär. Bu barada Gahryman Arkadagymyz BMG-niň belent münberinden eden çykyşlarynda gatnaşyklaryň ynsanperwerleşdirilmegi, ruhy, medeni, bilim ulgamynda gatnaşyklaryň ösdürilmegi, töwekgelçilikleriň we nämälimligiň derejesini peseltmäge, howpsuzlygy pugtalandyrmaga hem-de bähbitleriň deňeçerligini kemala getirmäge ukyply halkara ulgamyň usullary we gurallary döredilende dünýä döwletlerinde ynanyşmak medeniýetiniň kemala geljekdigini belleýär. Gahryman Arkadagymyz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň belent münberinden “Ösüş arkaly parahatçylyk” diýen şygary öňe sürmek bilen döwletimiziň ählumumy howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen daşary syýasatynyň diňe diplomatiýa esaslanýandygyny äleme jar etdi. Bu öz nobatynda döwletimiziň “halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” diýen ykdysady strategiýasynyň, “Döwlet adam üçindir” diýen şygarynyň halkara derejesinde dabaralanmasydyr. Biziň döwletimiz dürli ýurtlaryň bähbitleriniň umumylygyna esaslanýan hyzmatdaşlygyň görnüşleriniň bilelikde işlenip taýýarlanylmagy ugrunda çykyş edýär, gyzyklanma bildirýän dürli taraplaryň gatnaşmagynda iri halkara taslamalary amala aşyrmagy teklip edýär we goldaýar. Häzirki döwürde Türkmenistanyň çäginden dünýäniň yklymlaryna howa, demir, suw hem-de gara ýollaryň ugurlaryndaky logistik merkezleriň üsti bilen dünýäniň ýutlarynyň ýükleri päsgelçiliksiz daşalýar. Munuň özi Türkmenistanyň dünýäniň syýasy giňişliginde ornuny berkidýär, hyzmatdaşlyga isleg birdirýän ýurtlara gümrük, wiza salgytlary we beýleki tölegler boýunça ýeňillikler berilýär. Gahryman Arkadagymyz: “Şeýle wakalar biziň parahatçylyk, dost-doganlyk, hyzmatdaşlyk hem ösüş tuguny mydama belentde göterip, bütin adamzada ýagşylyk isleýän ýüregimiziň emri bilen bolýandyr” [2-76-sah] diýip belleýşi ýaly, bu günki gün parahatçylyk söýüjilikli, netijeli daşary syýasatyny alyp barýan hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä jemgyýetçiligindäki abraýy yzygiderli ýokarlanýar, ýurduň abraýly halkara guramalarda öňe sürýän köpsanly başlangyçlary giňden goldanylýar. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi ýurdumyzyň häzirki günde ýetýän sepgitlerine buýsanç döredýär, halkymyzyň beýik geljegimize ynamyny berkidýär.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat, 2015.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyk bagtymyz. – Aşgabat, 2021.

**Akjagül MUHAMMEDOWA**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy*
**Altyn HYDYROWA**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy*
**Ogulnýaz AMANOWA**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy*

# BITARAPLYK – ÖSÜŞLERE BADALGA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylyk etmeginde ýurdumyzda ykdysadyýeti diwersikasiýalaşdyrmak, ony täze tehnika-tehnologiýalar bilen üpjün etmek maksady bilen, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda, şol sanda ylym-bilim ulgamynda möhüm işler amala aşyrylýar. 2023-nji ýylyň “Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar” ýyly diýip yglan edilmegi bolsa bu pudaklaryň işiniň üstünliklere beslenmegine, ylaýta-da ýaş nesliň giň gerimli işleriniň rowaçlanmagyna badalga berdi.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň her güni toýlara beslenýär. Türkmen halkynyň toý-dabaralarda iň ýygy ulanýan dilegleriň biri “Toýuň toýa ulaşsyn!” diýen arzuwdyr. Bu häzirki zaman türkmen halkynyň gündelik durmuşyna ser salanyňda wysal bolan we geljegi nazarlaýan arzuwydyr. Türkmenistan toýlaryň mekany bolup tutuş dünýäde özüni tanatmagy başaran parahat, asuda we ösüşlere beslenýän gurply döwletdir. Biz bu uly bagta Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ähli taraplaýyn kämil ýurt edara edişi bilen, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu işleri üstünliklere besläp mynasyp dowam etdirmeginde ýetdik. Şeýle şanly toýlaryň biri her ýylyň 12-nji dekabrynda uly dabaralara, şatlyk-şowhuna beslenýän Halkara Bitaraplyk baýramydyr. Türkmen halkynyň Bitaraplyk derejesine ýetenine şu ýyl 28 ýyl dolýar [1].

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň düzümine girýän 185 döwlet Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatyny goldap, ýörite Kararnamany kabul etdi. Türkmenistanyň dünýä ýüzündäki abraýynyň ykrarnamasy hökmünde 2015-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite çözgüdi bilen, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy ikinji gezek hem ykrar edildi. Bu bolsa biziň bu beýik syýasy derejä ygrarlylygymyzyň ýene bir ýola aýdyň subutnamasy boldy.